***Düýn – 9-njy dekabrda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyndaky «Rowaç» kottejler toplumynyň öňündäki meýdançanyň merkezinde «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň görkezme çykyşlaryna tomaşa edildi.***



Dürli ýurtlarda geçirilen halkara sirk festiwallarynda üstünlikli çykyş edip, baş baýraklaryň ençemesine mynasyp bolan, ahalteke bedewleriniň şan-şöhratyny dünýä ýaýan topary ýaş gyzlarynyň at üstündäki täsin hem çylşyrymly oýunlary daşary ýurtlardan gelen zenanlary haýran galdyrdy.

Все права защищены



Behişdi bedewlere ussatlyk bilen erk edýän ýaş gyzlaryň milli sirk sungatymyzy nobatdaky gezek dünýä ýaýmagy buýsandyryjy ýagdaýdyr.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены